Türkmenistanyň Bilim ministriniň
2023-nji ýylyň “24” 01
çykaran 18 buýrugy bilen
tassyklandy

**Ýaşlaryň arasynda robot tehnologiýasy boýunça bäsleşigiň**
**DÜZGÜNNAMASY**

## I bap. UMUMY DÜZGÜNLER

1. Ýaşlaryň arasynda robot tehnologiýasy boýunça bäsleşigiň Düzgünnamasy (mundan beýläk-Düzgünnama) Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistana, Türkmenistanyň hormatly Prezidentine wepaly, giň dünýägaraýyşly, ruhubelent ýaş nesli kemala getirmek, ýaşlarda täze, döwrebap tehnologiýalaryna erk etmek endiklerini ösdürmek hem-de daşary ýurt tejribelerine gyzyklanmalaryny ýokarlandyrmak, ýaşlaryň arasynda zehinli ýaşlary ýüze çykarmak hem-de olary höweslendirmek maksady bilen, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2017-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda çykaran 340-njy Karary bilen tassyklanan “Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy” we ony durmuşa geçirmegiň meýilnamasyna laýyklykda işlenip taýýarlanyldy hem-de Ýaşlaryň arasynda robot tehnologiýasy boýunça bäsleşigi (mundan beýläk - bäsleşik) guramagyň we geçirmegiň tertibini düzgünleşdirýär.

2. Ýaşlaryň arasynda robot tehnologiýasy boýunça bäsleşik ýumuşlary çözmek üçin bilimlerini, başarnyklaryny we logiki pikir ýöretme endiklerini döredijilikli ulanmakda ýaşlaryň arasyndaky bäsleşik, şeýle hem bäsleşige gatnaşyjylar üçin syýasy-terbiýeçilik, medeni- köpçülikleýin çäreleriniň toplumy bolup durýar.

3. Bäsleşik ýaşlaryň kompýuter tehnologiýasyna erk etmek endiklerini ösdürmek, sanly ulgam düşünjelerini kämilleşdirmek we bu babatda döredijilik ukyplaryny ýüze çykarmak, özbaşdak gyzyklanmalarynyň netijesinde olaryň daşary ýurt tejribelerini öwrenmeginiň hilini ýokarlandyrmak maksady bilen geçirilýär.

## II bap. BÄSLEŞIGI GEÇIRMEGIŇ TERTIBI

4. Bäsleşik üç görnüş boýunça talyplaryň, okuwçylaryň we 30 ýaşa çenli ýaşlaryň arasynda geçirilýär.

5. Bäsleşigiň geçiriljek senesini Bilim ministrligi kesgitleýär we ol sene döwlet möçberindäki çäreler sebäpli üýtgedilip bilner.

6. Bäsleşigiň ýumuşlary Merkezi guramaçylyk topary tarapyndan taýýarlanylýar we ol ýumuşlar bäsleşigiň geçirilýän gününden bir aý öň eminler topary tarapyndan bäsleşige gatnaşyjylara yglan edilýär.

7. Bäsleşigiň jemleri Merkezi guramaçylyk topary tarapyndan jemlenilýär hem-de netijeleri resmileşdirilýär.

8. Bäsleşigiň jemleri her bir bäsleşik görnüşi tamamlanandan soňra şol günüň dowamynda köpçülige mälim ediler.

9. Bäsleşikler – 3 görnüşde geçirilýär hem-de bu görnüşler Merkezi guramaçylyk iş topary tarapyndan hödürlenilýär we Bilim ministrligi tarapyndan tassyklanylýar.

10. Bäsleşige mekdep okuwçylary, talyplar, 30 ýaşa çenli ýaşlar bilim ýa-da ylmy edaranyň hödürnamasy esasynda gatnaşyp bilerler.

11. Bäsleşige hödürlenen ýumuşlar, beýanlar, ýeňijileriň sanawy, gatnaşan okuwçylaryň işleri Bilim ministrliginde 3 ýyl saklanylmalydyr.

## III bap. MERKEZI GURAMAÇYLYK IŞ TOPARYNY DÖRETMEK WE ONUŇ IŞI

12. Bäsleşigi geçirmek boýunça Merkezi guramaçylyk iş topary Bilim ministrligi tarapyndan döredilýär. Merkezi guramaçylyk iş toparynyň düzümine Bilim ministrliginiň bäsleşigi geçirmek boýunça jogapkär işgärleri we degişli bilim edaralarynyň wekilleri girýär.

13. Merkezi guramaçylyk iş topary bäsleşigiň guramaçylygy, geçirilişi, jemlenilişi boýunça umumy ýolbaşçylygy amala aşyrýar. Bäsleşigiň netijelerini bahalandyrmakda jedelli meseleler ýüze çykanda, Merkezi guramaçylyk iş topary tarapyndan arz-şikaýat iş topary döredilýär.

14. Arz-şikaýat iş toparyna Merkezi guramaçylyk iş toparyndan we emin agzalaryndan hünärmenler girizilýär. Arz – şikaýat iş toparyň çözgüdi Merkezi guramaçylyk iş topary tassyklandan soňra gutarnykly hasaplanylýar.

15. Bilim ministrligi tarapyndan bäsleşige gatnaşyjylaryň gazanan netijeleri boýunça 1-nji, 2-nji, 3-nji oruna mynasyp bolanlar ýörite diplomlar bilen sylaglanylýar.

16. Bulardan başga-da, Merkezi guramaçylyk iş topary aýratyn ýumuşlarda tapawutlanandyklary üçin bäsleşige gatnaşyjylary Minnetdarlyk haty bilen sylaglamaga Bilim ministrligine hödürläp biler.

17. Merkezi guramaçylyk iş toparynyň hödürnamasy esasynda bäsleşigiň işjeň gatnaşyjylary we guramaçylary Bilim ministrliginiň hormat hatlary we minnetdarlyk hatlary bilen sylaglanylýar.

18. Merkezi guramaçylyk iş topary bäsleşigiň geçirilişi, onuň netijeleri baradaky maglumatyň köpçülikleýin habar beriş serişdeleri tarapyndan ýaýradylmagyny guraýar.

19. Merkezi guramaçylyk iş topary bäsleşik meýdançasynyň özüne degişli böleginde ýüze çykan näsazlyklary haýal etmän düzetmek boýunça degişli işleri geçirýär.

## IV bap. BÄSLEŞİK GÖRNÜŞLERİNİŇ EMINLERINI SAÝLAMAK WE OLARYŇ IŞI

20. Bilim ministrligi tarapyndan Merkezi guramaçylyk iş topary bäsleşigiň her görnüşi üçin Eminler toparlaryny döretmek boýunça teklipleri taýýarlaýar hem-de tassyklatmak üçin Bilim ministrligine hödürleýär.

21. Zerur bolan ýagdaýynda Bilim ministrligi Eminler toparynyň agzalygyna hödürlenen bilim işgärini başga işgär bilen çalyşmak boýunça esaslandyrylan görkezmäni berip bilýär.

22. Eminler toparlarynyň agzalary:

a) gatnaşyjylary hasaba alýar we olaryň resminamalaryny - okuw merkeziniň ýolbaşçylary tarapyndan berlen güwänamasyny we şahsyýetini tassyklaýan resminama laýyklykda barlaýar;

b) Bäsleşigiň degişli görnüşiniň talaplaryna laýyklykda gatnaşyjylaryň robotlaryny gözden geçirýär;

ç) bäsleşigiň geçirilýän wagtynda gatnaşyjylara gözegçilik edýär;

d) bäsleşik meýdançasynyň özüne degişli böleginde ýüze çykan näsazlyklary barada haýal etmän Merkezi guramaçylyk iş toparyna habar berýär;

e) bäsleşigiň geçirilýän bölüminde gatnaşyjylary birahat etjek ýa-da olaryň ünsüni böljek ýagdaýlaryň ýüze çykmazlygyna gözegçilik edýär;

ä) tassyklanan görkezijilere laýyklykda bäsleşigiň netijelerine baha bermek işlerini amala aşyrýar.

## V bap. BÄSLEŞIGIŇ ÝUMUŞLARYNY TAÝÝARLAMAGYŇ DÜZGÜNLERI HEM-DE TERTIBI

23. Ýumuşlar we olara bildirilýän talaplar Merkezi guramaçylyk iş topary tarapyndan hödürlenýär we Bilim ministrliginiň buýrugy bilen tassyklanylýar.

24. Merkezi guramaçylyk iş topary eminler topary bilen bilelikde bäsleşige gatnaşyjylary ýumuşlar we olara bildirilýän talaplar bilen tanyşdyrýar.

25. Her ýumuşyň düzgünlerine görä bahalandyrmak (baha, bal) ulgamy Merkezi guramaçylyk iş topary tarapyndan hödürlenýär we Bilim ministrliginiň buýrugy bilen tassyklanylýar.

26. Bäsleşigiň netijeleri şahsy we toparlaýyn hasapdan hasaba alynýar. Orunlar ýerine ýetirilen ýumuşlarda toplanan ballaryň jemi boýunça kesgitlenilýär.

## VII bap. BÄSLEŞIGIŇ NETIJELERINIŇ KESGİTLENİŞİ, ARZ-ŞIKAÝAT İŞİNİ SELJERMEK

27. Ýumuşlary barlamaga emin agzalarynyň ähli̇si gatnaşýar.

28. Islendik ýerine ýetirilen ýumuş boýunça düşünişmezlik ýüze çykan ýagdaýynda, eminler topary bilen ylalaşylyp täzeden geçirilip bilner.

29. Arza-şikaýat iş topary seljermäniň netijesinde ýüz tutma boýunça degişli karar kabul edýär hem-de netijesini Merkezi guramaçylyk iş toparynyň garamagyna hödürleýär.

## VIII bap. BÄSLEŞIGIŇ MADDY ÜPJÜNÇILIGI

30. Bäsleşigi geçirmek bilen baglanyşykly bolan ähli çykdajylar (bäsleşigiň geçjek ýerini taýýarlamak, gatnaşyjylaryň iýmit we ýol çykdajylary) degişli bilim edaralarynyň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilýär.

31. Diplomlary, Minnetdarlyk hatlaryny, Hormat hatlaryny taýýarlamak üçin

çykdajylar Türkmenistanyň Bilim ministrligine Döwlet býujetinden bölünip berlen serişdeleriň hasabyna tölenýär.

32. Eminler toparlary hökmünde Bäsleşige çekilýän hünärmenleriň we mugallymlaryň iş sapary bilen bagly çykdajylary olaryň esasy iş ýeri boýunça tölenilýär.